# Bolgun

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bolgun BOLGUN

Bir söz diýmekçi men maňzyňa batsa,
Şirin, şeker, şerbet ýa-da bal bolgun.
Il-günüň ýasyna ýa-da toý tutsa,
Galmagyn sen, mydam şonda bol bolgun.

Ýaranjaňlyk edip ýandyrma ýaşyň,
Bolar-bolgusyza goşmagyn başyň,
Beter gaýşardybam gezmegin döşüň,
Assadan ýuwaşja sada gul bolgun.

Dertliler dözmeýin ýaşyn dökermiş,
Perizat ýüzüňe gülüp bakarmyş,
Ýagşy söze ýylan hinden çykarmyş,
Bolma ajy sözli süýji dil bolgun.

Burçdur, sogan, kekre ýa-da sarymsak,
Şolar deý ajydyr käbir gurrumsak,
Göwnüňi giň tutgun, bolma dar gursak,
Mätäçleriň kisesinde pul bolgun.

Gaçgyn hemme zady özi bilenden,
Göwni ýetmän il üstünden gülenden,
Bolgusyz heleýiň äri bolandan,
Ýansa ýansyn, ömrüňboýy dul bolgun.

Birine söz berseň, sözüň düz bolsun,
Iliň-günüň bilen araň saz bolsun,
Sapar diýr, ýüregiň mydam ýaz bolsun,
Baharda ýetişen gyzyl gül bolgun. Goşgular